# TÜRKMENISTAN | TURKMENISTAN

## USCIRF– RECOMMENDED FOR COUNTRIES OF PARTICULAR CONCERN (CPC)

ABŞ-nyň Halkara Din Azatlygy baradaky Komissiýasy (ABŞHDAK, iňlisçe “USCIRF”) ABŞ-nyň daşary ýurtlarda din ýa-da ynanç azatlygy hukuklaryna gözegçilik edýän garaşsyz we iki partiýaly hereket edýän federal hökümet komissiýasydyr. ABŞHDAK 1998-nji ýylda kabul edilen Halkara Din Azatlygy baradaky Kanun (IRFA) esasynda döredilip, din we ynanç azatlygy hukuklaryna gözegçilik etmekde halkara standartlaryna gollanýar we Prezidente, Döwlet Sekretaryna we Kongrese syýasy geňeşdarlyk edýär. ABŞHDAK ABŞ-nyň Döwlet Departamentinden garaşsyz aýrybaşga we özbaşdak gulluk hökmünde hereket edýär. 2020-njy ýyla degişli Ýyllyk hasabatda ýylyň dowamynda komissiýanyň wekilleri we professional işgärler tarapyndan öz ýerinde düzgün bozmalary resminamalar bilen berkitmek we ABŞ hökümetine garaşsyz syýasy maslahatlary bermek boýunça edilen işler jemlenýär. 2020-njy ýylyň Ýyllyk hasabaty 2019-nji ýylyň ýanwar aýyndan 2019-nji ýylyň dekabr arasyndaky döwri öz içine alýar, muňa garamazdan käbir halatlarda bu wagt çäginden öň ýa-da soň bolup geçen möhüm wakalar hem bellenip geçilýär. ABŞDHAK barada giňişleýin maglumat almak üçin edaranyň şu ýerden internet saýtyna girmek ýa-da 202-523-3240 telefon belgisine jaň etmek arkaly ABŞDHAK gönüden-göni ýüz tutuň.

### ESASY NETIJELER:

Türkmenistan 2019-njy ýylyň dowamynda dini azatlygyň ýagdaýy boýunça hiç hili ösüş görkezmän, dünýäde iň pes orunlary eýeleýän döwletleriň hatarynda bolmagynda galýar. Türkmenistan çakdanaşa ýapyk jemgyýet bolup, metbugat azatlygy boýunça gözgyny görkezijilere eýe bolan gara deşige meňzedilýär. Bu şertler ýurtda dini azatlyk boýunça hukuklaryň bozulma hadysalarynyň hakykatda näderejä ýetendigini ýazga almakda kynçylyk döredýär, olaryň hasabatlarda berlen görkezijilerden ep-esli ýokarydygy bolsa ikuçsyz. Muňa garamazdan, elýeterli maglumatlar gözgyny ýagdaýyň subutnamasydyr.

Döwlet ähli garaşsyz dini hereketlere şübheli garaýar we olary ýurduň çäginde we daşary ýurtlarda gözegçilik astynda saklamak üçin uly döwlet gözegçilik apparatyny ýöredýär. Türkmenistanyň kanuny dini toparlaryň ähli içgin kriterilerini görkezmek arkaly hasaba alynmagyny talap edýär, hasaba alnan dini toparlaryň işine berk gözegçilik edýär, hasaba alynmadyk toparlary gadagan edip, olary jezalandyrýar. Dini jenaýatçylyk etmişleri üçin aýyplanan adamlaryň kazyýet işleri ýapyk görnüşde geçirilip, kazyýetyň olar üçin kabul eden çözgütleri gizlin bolmagynda galýar. Iş kesilen raýatlar döwletiň tussaghanalarynda ýitirilýär, olaryň daşky dünýä bilen aragatnaşygy doly kesilýär. Dini hereketler sebäpli tussag edilenleriň ýurdyň paýtagty Aşgabat şäheriniň 50 kilometr demirgazygynda ýerleşýän ady belli Owadandepe türmesinde saklanýandygy çaklanýar. Owadandepe türmesi ýokary derejeli syýasy dissidentleri we halk duşmanlaryny saklamak üçin niýetlenip gurlandyr, olar adatça ýowuz gynama we açlyk şertlerinde ölýärler. 2019 ýylda türk dini ruhany Fethullah Güleniň pikirlerine eýerýändigi çaklanan Akmyrat Söýünow we Eziz Hudaýberdiýew dagylaryň şol türmede aradan çykandygy habar berilýär. Türkmenistanda şeýle şertlerde näçe adamyň dini ynançlaryndan ötri tussag edilendigini,näçesiniň aradan çykandygyny anyklamak mümkin däl.

Hökümet şeýle-de ynançlary sebäpli harby gullukdan ýüz dönderýänleri hem tussag etmäge dowam edýär, 2019-njy ýylda bolsa onuň jezasy berkedildi: bu ýyl ýedi sany ynançlary sebäpli harby gullukdan ýüz dönderýän raýat aýyplanyp, olara häzirki wagta çenli iň ýowuz azatlykdan mahrum etmek jezasy berildi.

### ABŞ-NYŇ HÖKÜMETINE MASLAHATLAR

- Türkmenistany Halkara Din Azatlygy baradaky Kanunda kesgitlenen (HDAK, iňlisçe “IRFA”) dini azatlyklary ulgamlaýyn, yzygiderli we gödek bozýandygy üçin gaýtadan AADÝ bellemek, şeýle bellemäniň netijesinde häkimiýeti başgaça kanun taýdan talap edilýän hereketlerden boşadýan karary ýatyrmak, HDAK-yň 405(5) bölüminiň 22-nji bendine laýyklykda Türkmenistana howpsuzlyk boýunça berilýän ýardamy çäklendirmek üçin prezident derejesinde iş geçirmek.
- Din azatlyk bilen baglanyşykly şeýle gödek düzgünbozmalar üçin jogapkärçilik çekýän Türkmenistan hökümetiniň edaralaryna we ýolbaşçylaryna gönükdirilen sanksiýalary güýje girizmek, dini azatlyk boýunça düzgünbozmalara salgylanmak arkaly şol şahslaryň emläkleriniň alynmagyny we Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna girişini adam hukuklary bilen işleşýän maliýe we wiza berýän gulluklar tarapyndan gadagan edilmegini üpjün etmek; we
- Türkmenistanyň ýokary derejeli hökümet wekillerini parahatçylykly dini işjeňlikleri üçin ýa-da dini ynançlary esasynda harby gullukdan ýüz öwrendigi üçin Türkmenistanda tussag edilen adamlaryň anyklanmagyny we azatlyga goýberilmegini üpjün etmäge, tussagda saklanýanlary “ýitirmegi” bes etmegi, ähli tussaglaryň, şol sanda saklanýan ýerleri barada hasabat bermäge, Owadandepe tussaghanasyny ýapmaga çagyrmaly.

## ABŞHDAK-YŇ ESASY RESURSLARY WE IŞLERI

- **Komissiýanyň wekiliýeti:** ÝHHG AÖBK, Warşawa, 2019-njy ýylyň sentýabry
- **Kanunçylyk barada maglumatnama:** “RÝNÝ boýunça kanunlar”
- **Gysby maglumat:** “Din we Ynanç Azatlyk, Howpsuzlyk”

## Meseläniň taryhy

Türkmenistan öz keşbini altyn heýkellerde goýýan, metbugatda öwgüler bilen ýüzlenilmegini, ilatyň öz isleglerine boýun egmegini talap edýän şahsyýet kultuny amala aşyrýan Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda dolandyrylýan awtoritar döwlet bolup durýar. Prezident Gurbanmuhamedow döwlet ýolbaşçylygyna geçeli bäri öz häkimiýetini we haşamatly kult keşbini berkitdi. 2016-njy ýylda kabul edilen konstitusiýa bilen prezidentligiň ýaş çägi aradan aýryldy, Berdimuhamedow 2017-nji ýylda adalatsyz diýip hasaplanan saýlawynda 97 % ses bilen gaýtadan saýlandy. Türkmenistanyň esasy howpsuzlyk meseleleri Owganystan döwleti bilen uzyn serheti hem-de hökümetiň ekstremistleriň ýerli türkmen halkynyň arasyna aralaşmagyndan we täsir etmeginden gorkusy bilen baglydyr. Hökümet Türkmenistanyň halkynyň durmuşynyň her bir tarapyna, şol sanda dini ynançlaryna gözegçiligi berkitmek üçin bu howpa çemeleşmesini netijeli görnüşde ýokarlandyrýar. Ilatyň aglaba bölegi - 89% göterimi sünni mezhebe degişli bolup, ikinji iň uly dini köpçülik 9%-i eýeleýän prawoslaw hristianlardyr. Bu statistiki görkezijiler hakyky dini ybadatlaryň berjaý edilşini däl-de köpçüligiň gelip çykyşyny görkezýär; Türkmenleriň etniki gelip çykyşy medeni yslamdyr, emma hökümetiň Sowet döwrüne degişli çemeleşmesi dini ybadatlaryň berjaý edilşini düzgünleşdirýär we käte çäklendirýär.

2016-njy ýylda güýje giren Dini azatlyk barada Kanun Türkmenistanyň dini azatlygy berýän dünýewi döwletdigini nygtaýar. Kanunda Adalat ministrliginde hasaba durmak boýunça berk düzgünler, hasaba alynmadyk toparlaryň işleriniň gadagan edilmegi, ähli daşary ýurt maliýe goldawlary barada hökümetiň habarly edilmegi, hususy ýaşaýyş jaýlarynda ybadat etmegiň we hususy dini bilim almagyň gadagan edilmegi, dini wekillere diňe köpçülik ýerlerde lybas geýmäge rugsat berilmegi ýaly halatlar degişlidir. Ähli dini hereketler Dini guramalar bilen işleşmek we dini maglumatly gollanmalaryň we neşirleriň bilermen seljermesi boýunça topar (DGBI we DMGNBS) seredýär, ol dini wekilleriň bellenmegini, ybadathanalaryň gurluşygyny, dini edebiýatlaryň ýurduň çägine getirilmegini we çapa goýberilmegini hem-de dini guramalaryň hasaba alnyşyny tassyklaýar. Kanunçylykda olaryň DGBI we DMGNBS tarapyndan tassyklanmagy bellenip geçilmeýär, ol bolsa arkaýyn goşulmaklaryny üpjün edýär. Hasaba alyş prosesi dini guramalary hökümet edaralaryna esaslandyryjylar, şol sanda atlary, salgylary we doglan seneleri barada giňişleýin maglumat bermeklerini talap edýär. Hasaba alnan jemgyýetler her üç ýyldan gaýtadan hasaba alynmaga degişli bolup, dini işjeňlikler türmede we harby gullukda gadagan edilendir.

## Ynançlary sebäpli harby gullukdan ýüz dönderýänler

2018-nji ýylda dört ýyl wagtdan soň Türkmenistan döwleti hökmany harby gullukdan ynançlary sebäpli harby gullukdan ýüz dönderýän raýatlary tussag etmäge dowam edip başlady. Bu hereketlere 2019-njy ýylda dowam edilmedi, emma jezalar has agyr berilmäge başlady. Ynançlary sebäpli harby gullukdan ýüz dönderýänleriň 10-syndan 7-si 2019-njy ýylda tussag edilip, Jenaýat Kodeksiniň 219-njy maddasynyň 1-nji bendine laýyklykda harby gullukdan boşatmak üçin kanuny esaslaryň ýokdugy sebäpli azatlykdan mahrum edildi. 2019-njy ýylyň iýul aýynda 19 ýaşyndaky Bahtiýar Atahanow dört ýyl azatlykdan mahrum edildi, oňa ynançlary sebäpli harby gullukdan ýüz öwrendigi sebäpli iň ýowuz jeza berildi. Jezalaryň köpüsi bir-iki ýyl aralygynda bolup, Atahanowyň aýyplanmazdan öňürti mejbury gulluga alynmagy onuň meselesiniň kazyýetde gulluk borçlaryny bozan esger hökmünde çözülmegine eltdi. 2019-njy ýylyň noýabr aýynda kazyýet Serdar Döwletowy harby gullukdan gaçmaga çalyşandygy sebäpli tussag edildi. Ynançlary sebäpli harby gullukdan ýüz öwrenleriň ählisi Ýegowanyň şaýatlary bolup durýar. Türkmenistanda ynançlary sebäpli harby gullukdan ýüz dönderýänler üçin harby gulluga derek raýat görnüşli alternatiwa berilmeýär. Ýegowanyň şaýatlary bolan Dawid Petrosow we Selim Taganow degişlilikde 2019-njy ýylyň sentýabr we oktýabr aýlarynda tussag edildi; olar alternatiw görnüşli gullukdan peýdalanmaga synanyşdylar, emma harby edaralar olaryň haýyşyny kabul etmedi.

## Hökümet Gözegçiligi we Yslam Dininiň Basylmagy

Ähli dini hereketler Türkmenistanyň hökümetiniň berk gözegçiliginde saklanýar, emma Yslam dini aýratyn zuluma sezewar edilýär. Beýleki dini ynanç-ygtykatlara çemeleşmeden tapawutlylykda, hökümet edaralary Yslam dininiň berjaý edilşine dini wekilleri wezipä bellemek we wagyzlaryň mazmunyny tabşyrmak arkaly gönüden-göni gözegçilik edýär. Döwlet tarapyndan öňe sürülýän maglumatlarda ymamlaryň dileg-dogalaryna Prezident Gurbanguly Berdimuhamedowyň diňe

janynyň sag we ömrüniň uzak bolmagy däl-de, eýsem Hudaýyň onuň duşmanlaryna jeza bermegi hem goşulýar. Wagyzlara prezident üçin hutbalar girizilip, olarda jemagatyň sag-salamat ýaşaýşynyň gözbaşyny Berdimuhamedowyň parasatly syýasatyndan alyp gaýdýandygy aýdylýar. Öňki ýyllardan tapawutlylykda, Müftilik 2019-njy ýylda Oraza, ýagny Remezan aýynyň başlaýandygy barada bildiriş bermedi we zekat-pitreleriň berilmegi barada gözükdirijileri çykarmady. Iş ýüzünde bolsa döwletiň metbugat gulluklary oraza degişli däp-dessurlaryň berjaý edilşi barada hiç zat agzamady. Raýatlar Oraza baýramyny gutlamaga gorkýandyklaryny habar berdiler, olar özleriniň ekstremist diýlip bellige alynmagyndan gorkýarlar. 2019-njy ýylyň başlarynda polisiýa gulluklarynyň adamlary üýşürip “Hudaýa uýýarsyňyzmy ýa-da prezidente” diýip soraga çekendikleri. Ýanwar we fewral aýlarynda Aşgabat şäherindäki gulluklaryň 40 ýaşdan aşakda sakgal goýberen sany anyk bilinmeýän raýatlary zor bilen saklap, sakgallaryny syrypdyrlar. Lebap welaýatynyň polisiýa gullugynyň birnäçe gün ösen sakgally ýaş oglany saklap, spirtli içgi içmäge mejbur edilendigi aýdylýar.

## ABŞ-NYŇ SYÝASATY

Türkmenistanyň hökümeti ABŞ-nyň hökümeti serhet we sebit howpsuzlyk maksatnamalaryna, bilim we medeni alyş-çalyş maksatnamalaryna gatnaşýar. Türkmenistan Amerikanyň Birleşen Ştatlary bilen ýokary derejede söwda edýän döwlet statusyndan peýdalanýar, ol Owganystan bilen serhet howpsuzlygyny berkitmek boýunça ABŞ-nyň daşary ýurt goldawyndan peýdalanýar. Türkmenistanda adam hukuklary meselesiniň gözgyny ýagdaýdadygyna garamazdan, ABŞ-nyň hökümeti bu döwlet bilen alyp barýan syýasatynda Owganystan urşy bilen dahylly howpsuzlyk gaýgylaryny öňe sürýär. Döwlet Departamenti HDAK esasynda 2014-nji ýyldan bäri Türkmenistany AADÝ diýip belläp gelýär, ony 2019-njy ýylyň dekabrynda gaýtadan belledi, emma ABŞ-nyň esasy milli bähbitleri boýunça talap edilýän kararlara we sanksiýalara garşy kararlary kabul edýär. Bu kararlar Türkmenistanyň AADÝ diýlip bellenmegi bilen bagly oňaýsyz netijeleri aradan aýyrýar, bu bolsa ýurduň ýowuz syýasatyny ösdürmäge iterýär we režimiň bu syýasatlaryny howpsuzlyk sebäpli kepillendirilýändigini çaklamaga mümkinçilik berýär. 2019-njy ýylda Türkmenistanyň hökümeti günorta serhetde Owganystanyň Döwlet Goşunyna Talibanlaryň tutulmagyny ýeňilleşdirdi. Şu hadysa Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Owganystanyň Döwlet Goşuny bilen Talibana garşy utgaşykly göreş alyp barýan wagty ABŞ-nyň Owganystandaky harby missiýasyna ýardam berýän kararlaryň netijeliligi barada meseleleri ýüze çykarýar.